**GMM- Tach Hil 2-nji tapgyryň durmuşa gerçirilmegi**

| | |
|---|---|
| **Ýurt:** | TÜRKMENISTAN |
| **Taslama belgisi:** | 55518 |
| **Işiň görnüşi:** | Önümçilik we Hyzmatlar |
| **Habarnamanyň görnüşi:** | HUSUSY |
| **Daşky Gurşawy Goramak boýunça derejesi:** | B |
| **Tassyklanan senesi:** | 2025-nji ýylyň 11-nji apreli |
| **Ýagdaýy:** | Tassyklanan |

**Taslamanyň Gysgaça Mazmuny (PSD) Görkezilen:**

## Taslamanyň Beýany

Önümçiligi giňeltmegi maliýeleşdirmek maksady bilen, Türkmenistanda ýerleşlýän çygly süpürgüç we şahsy ideg önümlerini öndürýän “Tach Hil” hususy kärhanasyna 2,4 million ABŞ dollary möçberinde ilkinji nobatly üpjünçilikli karzy bermek.

## Taslamanyň maksatlary

Taslama önümçilikdäki päsgelçilikleri aýyrmaga, netijeliligi ýokarlandyrmaga we eksport üçin önümleriň köp dürliligini üpjün etmäge itergi berer. Taslama, şeýle hem, Karz alyjynyň daşky gurşawa ýetirýän täsirini azaltmagy göz öňünde tutýan döwrebap enjamlaryna maýa goýmak arkaly plastik galyndylary gaýtadan işlemek ukybyny ösdürer.

## Geçiş tapgyryna täsiri

ETI baly: 80

Taslama, Karz alyja hyrydarlygy kanagatlandyrmaga kömek edip "Bäsdeşlik" hiline goşant goşar. Şeýle hem, plastik galyndylary gaýtadan işlemek üçin awtomatlaşdyrylan önümçilik ulgamyna maýa goýumlar arkaly "Ýaşyl" hiline goşant goşýar.

## Müşderi barada maglumat

TACH HIL HK
“Tach Hil” 2015-nji ýylda Türkmenistanda esaslandyrylan ýekebara kärhana bolup, çygly süpürgiç we şahsy ideg önümleriniň önümçiligini amala aşyrýar.

## ÝTÖB-nyň maliýeleşdirme möçberi

2 400 000,00 ABŞ dollary
TACH HIL HK-a 2.4 million ABŞ dollary möçberinde ilkinji nobatly üpjünçilikli karz.

## Taslamanyň umumy bahasy

4 908 000,00 ABŞ dollary

**Aýratynlylyk**

Taslamanyň aýratynlygy şulardan ybarat: (1) beýleki banklarda elýeterli bolmadyk täjirçilik şertlerinde innowasion maliýeleşdiriş gurluşy we (2) taslamany gurnamak üçin zerur bolan karz möhlediň bazarda bar bolan teklipleriň ortaça derejesinden has ýokarda. Taslama, Işgärler Bölüminiň gender syýasatyň we amallaryň çäginde gender deňligini öňe sürmek arkaly Gender Aýratynlykly bolup durýar.

**Daşky Gurşaw we Sosial Meseleleriň Gysgaça Mazmuny**

Ekologiki we sosial syýasat 2019 boýunça B derejesine degişli edildi. Täç Hil, Bankyň hereket edýän müşderisi we öňki geleşikleriň çäginde Ekologiki we Sosial meseleler boýunça döwürleýin barlaglardan geçýär. Karz alyjy harytlaryny ÝB-niň tehnologiki standartlaryna laýyklykda öndürýär we ISO 22716 GMP, ISO 9001 (hil), ISO 14001 (daşky gurşaw), ISO 10002 (müşderiniň kanagatlylygy) we ISO 45001 (saglyk we zähmet howpsuzlygy) standartlaryna laýyklykda iň oňat tejribe dolandyryş usullaryny durmuşa geçirýär. Ekologiki we Sosial meseleleri boýunça alnyp barylýan işlerine öňden berilen ýokary bahany we şu güne çenli hasabat we ýerine ýetirilen işler boýunça maglumatlaryň wagtynda berilmegi göz öňünde tutulmagy netijesinde mundan beýläk başga çäreler talap edilmeýär. Karz alyjydan Bankyň Ekologiýä we Sosial talaplaryny berjaý etmegi we Banka her ýyl Ekologiki we Sosial meseleleri boýunça hasabatyny bermegi dowam etdirmegi talap ediler.

**Tehniki Hyzmatdaşlyk we Muzdsyz maliýeşdirmeler**

Tehniki Hyzmatdaşlyk (TC) komponenti (1) ýuridiki barlag çykdaýjylary (ÝÖTB-nyň 65% goşandy bilen 15,000 ýewro) we (2) gurluşyk gözegçiligi (ÝTÖB tarapyndan doly tölenen 10,000 ýewro) öz içine alýar.

**Kärhana bilen habarlaşmak üçin maglumatlar**

Hanym Oguljan Gurdowa
export@tachil.com
+99312595457
+99312595457
www.tachil.com
Zumerret köçesiniň 38-nji jaýy, Senagat Zolagy, Ahal welaýatynyň Ak Bugdaý etraby, Türkmenistan

**Ýerine ýetirlişin mazmuny**

**Taslamanyň Mazmuny hakyndaky Resminamanyň ahyrky görnüşiniň wagty**

2025-nji ýylyň 02-nji maý

**Geçiş barada düşünje**

ÝTÖB-nyň geçişiň täsirini kesgitlemek boýunça çemeleşmesi barada goşmaça maglumaty şu ýerde tapyp bilersiňiz.

**Işewürlik üçin mümkinçilikler**

Işewürlik mümkinçilikler ýa-da satyn alynmalar babatda müşderi kompaniýa ýüz tutmagyňyzy haýyş edýäris.
Ýewropanyň Täzeleniş we Ösüş Banky bilen iş mümkinçilikleri boýunça (satyn alynmalar bilen bagly bolmadyk) habarlaşmak üçin:
Telefon: +44 20 7338 7168;
E-Mail: projectenquiries@ebrd.com
Döwlet pudagyndaky taslamalar üçin ÝTÖB-nyň satyn alynmalary bilen tanyşyň
Telefon: +44 20 7338 6794
E-mail: procurement@ebrd.com

**Umumy soraglar**
Aýratyn soraglar boyunça ÝTÖB-nyň maglumat haýyşnamasy üsti bilen ýüz tutup bilersiňiz.

**Ekologiýa we Sosial syýasaty (ESS)**

Ekologiýa we Sosial syýasatynda (ESS) we degişli Ekologiýa we Sosial Talaplarynda (EST), "ekologiki howpsuz we durnukly ösüşe" ýardam bermek boýunça ÝTÖB-nyň özüne degişli bolan jogapkärçiligi ýerine ýetirmekligiň ugurlary görkezilen. ESS we EST milli kanunçylykda talap edilýän jemgyýetçilige habar we maslahat berilmegi müşderileriň tarapyndan berjaý edilmegi, şeýle hem esasan müşderiniň taslamany ekologiýa we sosial taýdan ýerine ýetirilişi bilen bagly gyzyklanýan taraplaryň aladalaryny we şikaýatlaryny kabul edip çözmek maksady bilen arz-şikaýatlara serediş mehanizmini döretmek üçin ýörite düzgünleri öz içine alýar. Taslamanyň ekologiki we jemgyýetçilik töwekgelçiliginiň we täsiriniň häsiýetine we göwrümine baglylykda, ÝTÖB gerek bolan halatynda öz müşderilerinden, goşmaça, taslamalaryň netijesinde ýüze çykýan töwekgelçiligi we täsiri barada maglumatlary aýan etmeklerini, ýa-da gyzyklanýan taraplar bilen manyly maslahatlary geçirmeklerini we olaryň soraglaryna öwrenip jogap bermeklerini talap edýär.
ÝTÖB-nyň bu meselä degişli tejribesi barada has giňişleýin maglumat ESS-da kesgitlenen.

**Dogryçyllyk we laýyklyk**

ÝTÖB-nyň Laýyklyga Gözegçilik Bölümi, ýokary halkara tejribesine laýyklykda Bankyn ähli alyp barýan işleri, dogryçyllygyň ýokary standartlaryna laýyk gelýändigini üpjün edip dogry dolandyryşa ýardam edýär. Bankyň dogruçyllygyna howp döredip ýa-da at-abraýyna zeper ýetirip biljek taslamalaryň öňüni almak maksady bilen, Bankyň ähli müşderileri degişli barlagdan geçirilýär. Ýüze çykan meseleler taslamanyň bahalandyrma döwründe aýan edilip çözülse, onda Bank alyp barýan işlerini dogruçyllyk bilen alyp barylýandygyny üpjün etmegiň iň netijeli usuly diýip hasap edýär. Bankyň Laýyklyga Gözegçilik Bölümi bankyň dogruçyllygyny goramak işlerini alyp barmakda esasy orny eýeleýär, şonuň bilen hem, taslamalary maliýeleşdirilenden soň dörap biljek töwekgelçiliklere gözegçilik etmekde ýardam berýär.
Mundan başga-da, Bankyň Gözegçilik Bölümi ÝTÖB tarapyndan maliýeleşdirilýän taslamalarda galplyk, korrupsiýa we bikanunçylyk barada tassyklamalary derňemeklige jogapkärçilik çekýär. Kim bolsa-da, Bankyň işgäri ýa-da başga, galplyk ýa-da korrupsiýa barada güman ýüze çykan halatynda Bankyň Laýklyga Gözegçilik Bölümine degişli compliance@ebrd.com elektron poçtasyna hat üsti bilen hasabat ugratmaklygy hökmanydyr. Hasabatda ähli mälim edilen meseleler, Bankyň Laýyklyga Gözegçilik Bölümi tarapyndan barlag üçin serediler. Ähli hasabatlar hökmany ýagdaýda serediler. Hasabatlar Bankyň ýa-da Bankyň iş alyp barýan döwletleriniň

islendik dilinde tabşyrylyp bilner. Tabşyrylan maglumatyň halal-wyždanly bolmagy hökmanydyr.

**Maglumata Elýeterlilik Syýasaty (MES)**

Bankyň strategiýasy, syýasaty we alyp barýan işleri bilen tanyşdyryp, olar barada düşünjeleri ýokarlandyrylmak maksady bilen 2025-nji ýylyň 01-nji ýanwaryndan güýje giren Maglumata Elýeterlilik Syýasaty (MES) ÝTÖB-nyň maglumaty nähili aýan edýändigini we gyzyklanýan taraplar bilen maslahatlary nähili geçirýändigini kesgitleýär. ÝTÖB-nyň web saýtynda, haýsy maglumatlaryň elýeterdigini bilmek üçin, Maglumata Elýeterlilik Syýasaty sahypamyza girip bilersiňiz.
Maglumat boýunça aýratyn talaplaryňyzy ÝTÖB-nyň maglumat haýyşnamasynyň üsti bilen talap edip bilersiňiz.

**Taslamanyň Garaşsyz Hasabat berme Mehanizmi (TGHM)**

Eger, ekologiki, sosial ýa-da jemgyýetçilik maglumaty aýan etmek boýunça meseleleri Müşderi ýa-da Bank bilen (mysal üçin, Müşderiniň Taslama derejesinde arz-şikaýatlara seretmek mehanizminiň ýa-da Bankyn ýolbaşçylary bilen gönümel işleşmek üsti bilen) çözmek boýunça tagallalar üstünlikli bolmasa, onda aýratyn şahslar we guramalar ÝTÖB-nyň Taslamanyň Garaşsyz Hasabat berme Mehanizmi (TGHM) üsti bilen öz meselelerini çözmäge synanyşyp bilerler.
TGHM Taslamanyň zyýan beren (ya-da zyýan berip biljek) hökmünde görülýän meselelerini garaşsyz ýagdaýda öwrenýär. Mehanizmiň maksady: ekologiýa, sosial we jemgyýetçilik maglumaty aýan etmek boýunça meseleleri çözmek üçin Taslama gyzyklanma bildirýän taraplaryň arasynda gepleşik geçirilmegine ýardam bermek; Bank öz Ekologiki we Sosial Syýasatyny ýa-da Maglumata Elýeterlilik Syýasatynyň Taslama degişli düzgünnamalary berjaý edýändigini anyklamak; şeýle hem, mümkin halatlarda, syýasata laýyk ýerine ýetirilmeýän ýagdaýlary seretmek, we şunuň bilen birlikde geljekde Bank tarapdan laýyklyk ýörlegesiniň berjaý edilmezliginiň öňüni almak bolup durýar.
Taslamanyň Garaşsyz Hasabat berme Mehanizminiň web-sahypasyna girip, TGHM we onuň mandaty barada we haýyşnamany tabşyrmak işleýin maglumat alyp bilersiňiz. Şeýle hem, TGHM-a ipam@ebrd.com elektron poçtasy arkaly degişli soraglaryňyz boýunça ýüz tutup bilersiňiz.